# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 42-NJI «DAŞOGUZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MYRATGELDI AMANGELDYÝEWIÇ GOÇMEDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Myratgeldi Amangeldiyewiç Goçmedow 1979-njy ýylyň 25-nji martynda Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1996-njy ýyllarda Daşoguz şäheriniň 17-nji orta mekdebinde okady.

1997-1999-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

2000-2003-nji ýyllarda «Daşoguzenergo» önümçilik birleşiginiň I derejeli, II derejeli ussasy bolup işledi.

2003-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda okap, ony inžener-elektromehanik hünäri boýunça tamamlady.

2007-nji ýylyň awgust-dekabr aýlarynda «Daşoguzenergo» önümçilik birleşiginiň Aragatnaşyk serişdeleri we awtomatiki dolandyryş önümçilik gullugynyň I derejeli ussasy;

2007-2010-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň döwlet elektrik stansiýasynyň II derejeli nobatçy-ussasy;

2010-njy ýylyň iýul-oktýabr aýlarynda «Elit-Türkmen» hususy kärhanasynyň baş inženeri;

2010-2011-nji ýyllarda «Doganlar» hususy kärhanasynyň inžener-energetigi;

2011-nji ýylyň maý-sentýabr aýlarynda «Nur Gurluşyk» hojalyk jemgyýetiniň inžener-energetigi;

2012-2013-nji ýyllarda «Boz ýap» hojalyk jemgyýetiniň inžener-energetigi bolup işledi.

2013-nji ýylyň maý aýyndan bäri «Täze ýyldyrym» hususy kärhanasynyň direktory, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Daşoguz welaýat komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 42-NJI «DAŞOGUZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SERGEÝ WIKTOROWIÇ ŽARIKOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Sergeý Wiktorowiç Žarikow 1974-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Nyýazow şäherinde doguldy. Milleti özbek.

1981-1989-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1989-1993-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň Oba hojalyk tehnikumynda okap, ony tehnik-mehanik hünäri boýunça tamamlady.

1993-1997-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony ykdysatçy-guramaçy hünäri boýunça tamamlady.

1997-1998-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Obahyzmat üpjünçilik kärhanasynyň ykdysatçysy bolup işledi.

1998-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Aktiw we passiw ykdysady seljerme bölüminiň II-nji derejeli ykdysatçysy, I-nji derejeli ykdysatçysy, alypbaryjy ykdysatçysy, bölüm başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji, Oba hojalyk önümlerini öndürijileri karzlaşdyrmak bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji, Karz beriş bölüminiň baş ykdysatçysy, Karz beriş bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji, Bankara hasaplaşyklar bölüminiň başlygy, Bank amallary geçiriş bölüminiň başlygy wezipelerinde işledi.

2008-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasynyň dolandyryjysynyň orunbasary, dolandyryjysynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bolup işledi.

2016-njy ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasynyň dolandyryjysy wezipesinde işleýär. Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 43-NJI «ŞABAT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## KAHRAMAN BAHTIÝAROWIÇ DŽABBAROW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Kahraman Bahtiýarowiç Džabbarow 1979-njy ýylyň 23-nji martynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti özbek.

1985-1995-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 15-nji orta mekdebinde okady.

1995-1999-njy ýyllarda Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynda okap, ony inžener-ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

1999-njy ýylyň sentýabr-dekabr aýlarynda Daşoguz piwo zawodynda tertipleýji bolup işledi.

1999-2001-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2001-2011-nji ýyllarda Daşoguz piwo zawodynda buhgalter- hünärmen bolup işledi.

2011-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Daşoguz welaýat «Dökünhimiýa» müdirliginiň baş buhgalteri bolup işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 43-NJI «ŞABAT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAHAR GAZAKOWNA PIRIÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Bahar Gazakowna Piriýewa 1982-nji ýylyň 25-nji maýynda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Gurbansoltan eje adyndaky şäherçesinde doguldy. Milleti türkmen.

1989-1998-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1998-1999-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň medeniýet öýüniň artisti bolup işledi.

1999-2003-nji ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony rus dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2003-2005-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň rus dili we edebiýaty mugallymy;

2005-2007-nji ýyllarda ýyllarda Daşoguz şäherindäki 12-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi bolup işledi.

2007-2014-nji ýyllarda Daşoguz şäherindäki 29-njy çagalar bakja-bagynyň müdiri wezipesinde işledi.

2014-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Daşoguz welaýatynyň Saglygy dikeldiş okuw-terbiýeçilik toplumynyň direktory wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Türkmenisatynyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 44-NJI «ALTYNÝOL» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAÝLY MAGSUTNAZAROWIÇ GARAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Baýly Magsutnazarowiç Garaýew 1980-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Ak altyn geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1996-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň 4-nji orta mekdebinde okady.

1996-2000-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2000-nji ýylyň iýul-noýabr aýlarynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Ykdysadyýet we maliýe bölüminde hünärmen bolup işledi.

2000-2002-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2002-2005-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Ykdysadyýet we maliýe bölüminiň esasy hünärmeni;

2005-2008-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrap häkimliginiň baş hasapçysy;

2008-2009-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrap häkiminiň kömekçisi wezipelerinde işledi.

2009-2013-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Statistika müdirliginiň Daşoguz şäheriniň Statistika bölüminiň başlygy wezipesinde işledi.

2013-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Daşoguz welaýatynyň Statistika müdirliginiň başlygy wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 44-NJI «ALTYNÝOL» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## JEREN AŞYRGELDIÝEWNA GYLYÇMYRADOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Jeren Aşyrgeldiýewna Gylyçmyradowa 1977-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1984-1994-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň 13-nji orta mekdebinde okady.

1994-2002-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony çaga lukmany hünäri boýunça tamamlady.

2002-2003-nji ýyllarda Daşoguz welaýat inçekesel hassahanasynyň intern lukmany;

2003-2005-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrap hassahanasynyň keselleri anyklaýyş we maslahat beriş bölüminiň inçekesel lukmany;

2005-2006-njy ýyllarda Daşoguz welaýat inçekesel hassahanasynyň kabul ediş we maslahat beriş bölüminiň çaga inçekesel lukmany;

2006-2013-nji ýyllarda Daşoguz welaýat inçekesel hassahanasynyň çagalar bölüminiň bejeriş lukmany bolup işledi.

2013-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Daşoguz welaýat inçekesel hassahanasynyň çagalar bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 45-NJI «DIÝAR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SERDAR ARAZDURDYÝEWIÇ ARAZOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Serdar Arazdurdyýewiç Arazow 1978-nji ýylyň 29-njy iýunynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1985-1995-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 1-nji orta mekdebinde okady.

1995-1999-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony halkara-ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

1999-2001-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2001-2005-nji ýyllarda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasynyň Kassa hyzmatlary we kassa amallaryna gözegçilik bölüminiň I derejeli hünärmeni, Pul dolanyşygyny kadalaşdyryş bölüminiň II derejeli, I derejeli hünärmeni wezipelerinde işledi.

2005-2011-nji ýyllarda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasynyň Bank gözegçilik bölüminde I derejeli hünärmen, esasy hünärmen, baş hünärmen;

2011-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasynyň Buhgalter hasaby we hasabatlar bölüminiň baş buhgalteriniň orunbasary, bölümiň başlygy – baş buhgalteri;

2014-2016-njy ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň Daşoguz welaýat bölüminiň başlygynyň orunbasary, bölümiň başlygy wezipelerinde işledi.

2016-njy ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasynyň başlygy wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 45-NJI «DIÝAR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SERDAR AŞYROWIÇ GAÝYPOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Serdar Aşyrowiç Gaýypow 1986-njy ýylyň 14-nji iýulynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1993-2002-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 19-njy orta mekdebinde okady.

2003-2005-nji ýyllarda «Was» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetinde kömekçi hojalygyň işçisi bolup zähmet çekdi.

2005-2010-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony suw hojalykçy inžener hünäri boýunça tamamlady.

2010-2012-nji ýyllarda «Daşoguzýersuwgurluşyk» hojalyk hasaplaşygyndaky önümçilik kärhanasynda mehanik;

2012-2015-nji ýyllarda «Daşoguzsuwhojalyk» önümçilik birleşiginiň önümçilik tehniki bölüminiň hünärmeni bolup işledi.

2015-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Daşoguz welaýat komitetiniň başlygynyň orunbasary wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň mart-awgust aýlarynda Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Daşoguz welaýat komitetiniň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bolup işledi.

2017-nji ýylyň awgust aýyndan häzirki wagta çenli Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Daşoguz welaýat komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 45-NJI «DIÝAR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BATYR HANGELDIÝEWIÇ HANGELDIÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Batyr Hangeldiýewiç Hangeldiýew 1976-njy ýylyň 26-njy iýulynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Daşoguz welaýtynyň Daşoguz şäheriniň 20-nji orta mekdebinde okady.

1994-1998-nji ýyllarda S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk inistitutynda okap, ony bedenterbiýe mugallymy we sagaldyş işlerini guramak hünäri boýunça tamamlady.

1999-2014-nji ýyllarda Daşoguz welaýtynyň Daşoguz şäheriniň 1-nji çagalar we ýetginjekler sport mekdebinde tälimçi-mugallym bolup işledi.

2014-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň 1-nji çagalar we ýetginjekler sport mekdebiniň direktory wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlendi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 46-NJY «AKDEPE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ÖWEZ DÄDEBAÝEWIÇ BUZLYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Öwez Dädebaýewiç Buzlyýew 1978-nji ýylyň 27-nji maýynda Akdepe etrabynyň Orazgeldi Ärsaryýew adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1984-1995-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 26-njy orta mekdebinde okady.

1995-1999-njy ýyllarda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony fizika-informatika mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1999-2010-njy ýyllarda Akdepe etrabyndaky 26-njy orta mekdepde fizika-informatika mugallymy bolup işledi.

2010-2016-njy ýyllarda Akdepe etrabynyň Bilim bölüminiň hünärmeni bolup işledi.

2016-njy ýyldan bäri Akdepe etrap Bilim bölüminiň müdiriniň orunbasarynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bolup işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 46-NJY «AKDEPE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURGELDI IŞANBERDIÝEWIÇ SEÝIDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Nurgeldi Işanberdiýewiç Seýidow 1975-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda Akdepe etrabynyň Akdepe şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1982-1992-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň Akdepe şäheriniň 1-nji orta mekdebinde okady.

1992-1993-nji ýyllarda Ruhubelent etrabynyň Ý.Durdyýew adyndaky daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

1993-1997-nji ýyllarda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony rus dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1997-2002-nji ýyllarda Akdepe etrabyndaky 4-nji orta mekdepde rus dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.

2002-nji ýylda Akdepe etrap häkimliginiň Işgärler we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary bilen işlemek boýunça bölüminiň baş hünärmeni bolup işledi.

2002-2003-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2003-2005-nji ýyllarda Akdepe etrap häkimliginiň Işgärler we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary bilen işlemek boýunça bölüminiň baş hünärmeni bolup işledi.

2005-2010-njy ýyllarda Akdepe etrap häkiminiň kömekçisi bolup işledi.

2010-njy ýyldan bäri Akdepe etrap häkimliginiň Işleri dolandyryş müdirliginiň bölüm müdiri bolup işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 46-NJY «AKDEPE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BATYR JUMADURDYÝEWIÇ TAÝMAZOW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Batyr Jumadurdyýewiç Taýmazow 1988-nji ýylyň 7-nji awgustynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1995-2005-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 2-nji, 3-nji, 24-nji orta mekdeplerinde okady.

2005-2007-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň Arassalaýyş we abadanlaşdyryş trestinde işçi boldy.

2007-2008-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň marketing fakultetinde okady.

2008-2013-nji ýyllarda Hytaý Halk Respublikasynyň Harbin şäherindäki Heliongjiang uniwersitetinde okap, ony halkara ykdysadyýet we söwda hünäri boýunça tamamlady.

2013-2014-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2015-2016-njy ýyllarda Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň zähmet bölümçesiniň baş hünärmeni;

2016-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň Halkara hyzmatdaşlygy bölüminiň baş hünärmeni bolup işledi.

2017-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň Halkara hyzmatdaşlygy bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 47-NJI «NOWRUZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MAKSAT GAÝYPNAZAROWIÇ ALLABAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Maksat Gaýypnazarowiç Allabaýew 1975-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň Täzeoba geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1981-1991-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 5-nji orta mekdebinde okady.

1991-1996-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony inžener-mehanik hünäri boýunça tamamlady.

1996-njy ýylyň iýul-dekabr aýlarynda Akdepe etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşiginiň inžener-mehanigi bolup işledi.

1996-1998-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1999-2001-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň Suwaryş ulgamlary müdirliginiň ussahanasynyň müdiri;

2001-2015-nji ýyllarda «Daşoguzsuwhojalyk» önümçilik birleşiginiň «Akdepesuwhojalyk» önümçilik dolanyşygynyň baş hünärmeni bolup işledi.

2015-nji ýylyň awgust aýyndan bäri «Daşoguzsuwhojalyk» önümçilik birleşiginiň «Akdepesuwhojalyk» önümçilik dolanyşygynyň baş mehanigi wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 47-NJI «NOWRUZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ÝAZMÄMMET GÜÝÇGELDIÝEWIÇ ATAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Ýazmämmet Güýçgeldiýewiç Ataýew 1981-nji ýylyň 30-njy awgustynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1987-1997-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 2-nji orta mekdebinde okady.

1997-1998-nji ýyllarda Daşoguz şäherindäki 4-nji hünärment mekdebinde okap, kompýuter operatory hünärine eýe boldy.

1999-njy ýylyň aprel-oktýabr aýlarynda «Leýing-Alarko» gurluşyk firmasynda işçi boldy.

2000-2002-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2002-2003-nji ýyllarda «STFA-koustoaksh» türk firmasynda işçi boldy.

2003-2007-nji ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony türk dili we ikinji dil hökmünde iňlis dili mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2007-2008-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 16-njy orta mekdebiniň iňlis dili mugallymy;

2008-2013-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 24-nji orta mekdebiniň iňlis dili mugallymy;

2013-2014-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrap bilim bölüminiň hünärmeni, soňra Daşoguz welaýat Baş bilim müdirliginiň mekdebe çenli bilim, terbiýe we mekdepden daşary edaralary bölüminiň esasy hünärmeni, Daşoguz welaýat Baş bilim bölüminiň ýanyndaky döwlet umumy bilim edaralarynyň mugallymlarynyň we mekdebe çenli çagalar edaralarynyň terbiýeçileriniň hünär derejesini ýokarlandyryş merkeziniň baş hünärmeni wezipelerinde işledi.

2014-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýat Geňeşiniň başlygy wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 47-NJI «NOWRUZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## TÄZEGÜL HAKBERDYÝEWNA NEPESOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Täzegül Hakberdyýewna Nepesowa 1962-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda Balkan welaýarynyň Balkanabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1969-1979-njy ýyllarda Balkanabat şäheriniň 2-nji orta mekdebinde okady.

1979-1980-nji ýyllarda «Türkmennebit» konserniniň «Tamponaž» kärhanasynda işçi boldy.

1980-1986-njy ýyllarda Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony akuşer-ginekolog lukmany hünäri boýunça tamamlady. 1986-1987-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Çaga dogrulýan öýünde internatura geçdi.

1987-1989-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrap hassahanasynda akuşer-ginekolog lukman; 1989-1997-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň Çaga dogrulýan öýünde akuşer-ginekolog lukman; 1997-1998-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň Çaga dogrulýan öýüniň Ginekologiýa bölüminiň müdiri; 1998-2000-nji ýyllarda Daşoguz welaýat Eneler we çagalar hassahanasynyň akuşer-ginekolog lukmany, Aýallara maslahat beriş bölüminiň müdiri wezipelerinde işledi.

2000-2002-nji ýyllarda Daşoguz welaýat Eneler we çagalar hassahanasynda akuşer-ginekolog lukman; 2002-2007-nji ýyllarda Daşoguz welaýat Eneler we çagalar hassahanasynda Nesil saglygyny goraýyş merkeziniň akuşer-ginekolog lukmany bolup işledi.

2007-2012-nji ýyllarda Daşoguz welaýat Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň baş lukmanynyň eneler boýunça orunbasary wezipesinde işledi. 2012-2013-nji ýyllarda Daşoguz welaýat Saglygy goraýyş müdirliginiň baş akuşer-ginekology bolup işledi. 2013-nji ýylyň iýul aýyndan bäri Gurbansoltan eje adyndaky Daşoguz lukmançylyk orta okuw mekdebiniň direktory wezipesinde işleýär.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 48-NJI «ROWAÇLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURMYRAT AŞYROWIÇ JUMANAZAROW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Nurmyrat Aşyrowiç Jumanazarow 1976-njy ýylyň 17-nji sentýabrynda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Boldumsaz şäherçesinde doguldy. Milleti türkmen. 1983-1993-nji ýyllarda Boldumsaz etrabynyň 2-nji orta mekdebinde okady. 1993-1995-nji ýyllarda Türkmen politehniki institutynda okady.

1995-1996-njy ýyllarda «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Boldumsaz etrap şahamçasynyň 10 ýyl abadanlyk bölüminiň müdiri wezipesinde işledi. 1996-1998-nji ýyllarda Türkmen politehniki institutynda okap, ony ykdysatçy-menejer hünäri boýunça tamamlady.

1998-nji ýylyň sentýabr-dekabr aýlarynda Boldumsaz etrap Pagta arassalaýjy kärhanasynyň kompýuter operatory wezipesinde işledi.

1998-2000-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2000-2001-nji ýyllarda Boldumsaz etrap Pagta arassalaýjy kärhanasynyň ýanyndaky 15-nji pagta kabul ediş harmanhanasynyň hasapçysy; 2001-2002-nji ýyllarda Boldumsaz etrap Pagta arassalaýjy kärhanasynyň taýýar önümler bölüminiň hünärmeni; 2002-2003-nji ýyllarda Boldumsaz etrap Pagta arassalaýjy kärhanasynyň ýanyndaky 15-nji pagta kabul ediş harmanhanasynyň uly hasapçysy; 2003-2006-njy ýyllarda Boldumsaz etrap Pagta arassalaýjy kärhanasynyň baş hasapçysy wezipelerinde işledi. 2006-2010-njy ýyllarda Boldumsaz etrap Durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň ykdysadyýet we maliýe hasaphana bölümçesiniň başlygy wezipesinde işledi.

2010-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Barlag-derňew müdirliginiň Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etraby boýunça baş derňewçisi wezipesinde işledi. 2014-2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň maliýe bölüminiň başlygy wezipesinde işledi.

2015-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň agzasy. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 48-NJI «ROWAÇLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SAPARGELDI ÝEGENNAZAROWIÇ KURTOW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Sapargeldi Ýegennazarowiç Kurtow 1979-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Boldumsaz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1996-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1998-2000-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2004-2009-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony halkara ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2009-2010-njy ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Ruhubelent etrap şahamçasynyň Karzlaşdyryş bölüminiň alyp baryjy ykdysatçysy, Kassa amallary bölüminiň kassa müdiri, Buhgalter hasaby we bank amallaryny geçiriş bölüminiň buhgalteri wezipelerinde işledi.

2010-2011-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Ruhubelent etrap şahamçasynyň Karzlaşdyryş bölüminiň baş ykdysatçysy bolup işledi.

2011-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Boldumsaz etrap şahamçasynyň Kassa amallary bölüminiň Kassa müdiri, gözegçi-buhgalteri, baş buhgalteriň orunbasary, dolandyryjynyň orunbasary, Karzlaşdyryş bölüminiň başlygy wezipelerinde işledi.

2016-njy ýyldan bäri Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrap şahamçasynyň dolandyryjysy bolup işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 49-NJY «BOLDUMSAZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAÝRAMGÜL GURBANMYRADOWNA GARABAÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Baýramgül Gurbanmyradowna Garabaýewa 1976-njy ýylyň 5-nji martynda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Boldumsaz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Boldumsaz etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okady we ony filolog, iňlis dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1997-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Boldumsaz etrabynyň 27-nji orta mekdebiniň iňlis dili mugallymy bolup işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 49-NJY «BOLDUMSAZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## TIRKEŞ REJEPOWIÇ GAZAKOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Tirkeş Rejepowiç Gazakow 1966-njy ýylyň 20-nji iýunynda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Boldumsaz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1973-1983-nji ýyllarda Boldumsaz etrabynyň 13-nji orta mekdebinde okady.

1984-1986-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

1986-1991-nji ýyllarda Russiýa Federasiýasynyň Magnitogorsk şäherindäki Magnitogorsk dag-demir institutynda okap, ony inžener-gurluşykçy hünäri boýunça tamamlady.

1992-2012-nji ýyllarda Boldumsaz etrap Jemagat hojalygy müdirliginiň baş inženeri;

2013-2016-njy ýyllarda «Boldumsazetrapgaz» gaz hojalyk kärhanasynda ussa, Boldumsaz etrabynyň «Täze-Ýalkym» hususy kärhanasynda direktor;

2016-2017-nji ýyllarda Boldumsaz etrap Jemagat hojalygy müdirliginde baş inžener bolup işledi.

2017-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Boldumsaz etrap Jemagat hojalygy müdirliginiň ýolbaşçysy bolup işleýär.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 49-NJY «BOLDUMSAZ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SAPARMYRAT AÝMYRADOWIÇ SOLTYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Saparmyrat Aýmyradowiç Soltyýew 1975-nji ýylyň 22-nji fewralynda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Zähmetkeş geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1982-1992-nji ýyllarda Boldumsaz etrabynyň 23-nji orta mekdebinde okady.

1992-1997-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony alym-agronom hünäri boýunça tamamlady.

1997-1998-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1999-2000-nji ýyllarda Daşoguz welaýatyndaky Agrokomitetiň Boldumsaz etrap toparynyň baş hünärmeni bolup işledi.

2001-2003-nji ýyllarda Boldumsaz etrap Ýer serişdeleri gullugynyň baş hünärmeni bolup işledi.

2003-nji ýylyň aprel-awgust aýlarynda Boldumsaz etrabynyň Zähmetkeş geňeşliginiň Geňeşiniň kätibi bolup işledi.

2003-2010-njy ýyllarda Boldumsaz etrap Ýer serişdeleri gullugynyň baş hünärmeni bolup işledi.

2010-njy ýylyň mart aýyndan bäri Daşoguz welaýat Ýer serişdeleri gullugynyň Boldumsaz etrap bölüminiň bölüm ýolbaşçysy wezipesinde işleýär.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 50-NJI «GÖROGLY» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MAÝSA KURBANOWNA SOPYÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Maýsa Kurbanowna Sopyýewa 1977-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1984-1994-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň 10-njy orta mekdebinde okady.

1994-2000-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony ftiziatr hünäri boýunça tamamlady.

2000-2001-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Inçekeseller hassahanasynda intern lukmany bolup işledi.

2001-2011-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Inçekeseller hassahanasynda ftiziatr lukmany bolup işledi.

2011-2012-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Psihonewrologiýa hassahanasynda psihiatr lukmany bolup işledi.

2012-2013-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň köpugurly hassahanasynyň Merkezleşdirilen kabulhana bölüminde kabul ediş lukmany bolup işledi.

2013-nji ýyldan bäri Daşoguz welaýatynyň köpugurly hassahanasynyň Toksikologiýa we gemodializ bölüminde toksikolog lukmany bolup işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 50-NJI «GÖROGLY» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MERDAN BAÝRAMDURDYÝEWIÇ TUWAKOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Merdan Baýramdurdyýewiç Tuwakow 1971-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Magtymguly adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1979-1989-njy ýyllarda Görogly etrabynyň 37-nji orta mekdebinde okady.

1989-1990-njy ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň taýýarlaýyş bölüminde okady.

1990-1992-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1992-1996-njy ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony rus dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1996-2004-nji ýyllarda Görogly etrabynyň 37-nji orta mekdebinde rus dili we edebiýaty mugallymy;

2004-2014-nji ýyllarda Görogly etrabynyň 37-nji orta mekdebiniň müdiri bolup işledi.

2014-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy boldy.

2017-nji ýylyň mart aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň agzasy.

Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşynyň deputaty.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 51-NJI «YZMYKŞIR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## HUDAÝBERDI ALLABERDIÝEWIÇ GURBANMEDOW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Hudaýberdi Allaberdiýewiç Gurbanmedow 1976-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Görogly etrabynyň Hüdük Myradow adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Görogly etrabynyň 25-nji orta mekdebinde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony beden medeniýeti mugallymy we sagaldyş işleriniň guramaçysy hünäri boýunça tamamlady.

1997-2003-nji ýyllarda Görogly etrabynyň 57-nji orta mekdebinde bedenterbiýe mugallymy bolup işledi.

2003-2004-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Görogly etrap Geňeşiniň jogapkär işgäri bolup işledi.

2004-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Görogly etrap Geňeşiniň Guramaçylyk bölüminiň müdiri bolup işledi.

2008-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Görogly etrap Geňeşiniň başlygy bolup işledi.

2009-2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Görogly etrap komitetiniň sekretary bolup işledi.

2013-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Görogly etrap komitetiniň başlygy bolup işleýär.

2013-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 51-NJI «YZMYKŞIR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## JEMAL SEÝTJANOWNA HUDAÝNAZAROWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Jemal Seýtjanowna Hudaýnazarowa 1974-nj ýylyň 14-nji maýynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Hüdük Myradow adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1981-1991-nji ýyllarda Görogly etrabynyň 25-nji orta mekdebinde okady.

1991-1992-nji ýyllarda Görogly etrabynyň Hüdük Myradow adyndaky daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

1992-1998-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony pediatr lukmany hünäri boýunça tamamlady.

1998-1999-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäher çagalar we eneler gospitalynyň intern lukmany;

1999-2010-njy ýyllarda Görogly etrap hassahanasynyň 83-nji oba saglyk merkezinde maşgala lukmany bolup işledi.

2010-njy ýylyň fewral aýyndan bäri Görogly etrap hassahanasynyň Inçekesel bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 51-NJI «YZMYKŞIR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ALMAGÜL KAKABAÝEWNA NAZAROWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Almagül Kakabaýewna Nazarowa 1983-nji ýylyň 23-nji martynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Magtymguly adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1991-1999-njy ýyllarda Görogly etrabynyň 37-nji orta mekdebinde okady.

1999-2004-nji ýyllarda Türkmen milli konserwatoriýasynda okap, ony bagşy hünäri boýunça tamamlady.

2004-2005-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň çagalar sungat mekdebiniň bagşy mugallymy;

2005-2006-njy ýyllarda Görogly etrabynyň çagalar sungat mekdebiniň bagşy mugallymy bolup işledi.

2006-njy ýyldan bäri Daşoguz welaýatynyň çagalar sungat mekdebiniň direktorynyň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary wezipesinde işleýär.

2014-nji ýylda «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşigiň ýeňijisi boldy we 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 52-NJI «AKSARAÝ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURGELDI ÖWEZDURDYÝEWIÇ MEREDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Nurgeldi Öwezdurdyýewiç Meredow 1973-nji ýylyň 11-nji maýynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Zaman geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1980-1990-njy ýyllarda Görogly etrabynyň 3-nji orta mekdebinde okady.

1990-1995-nji ýyllarda Türkmen politehniki institutynda okap, ony inžener hünäri boýunça tamamlady.

1995-2011-nji ýyllarda Görogly etrabynyň «Zaman» daýhan birleşiginde daýhançylyk işleri bilen meşgullandy.

2011-2012-nji ýyllarda «Altyn tug» hususy kärhanasynyň inžener-elektrigi;

2013- 2014-nji ýyllarda «Wepaly gurluşyk» hojalyk jemgyýetiniň inžener-elektrigi bolup işledi.

2014-nji ýylyň fewral aýyndan bäri «Aýdyň güneş» hojalyk jemgyýetiniň direktory wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 52-NJI «AKSARAÝ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAÝLY TOÝLYÝEWIÇ SEÝILOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Baýly Toýlyýewiç Seýilow 1959-njy ýylyň 19-njy fewralynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Türkmenýoly geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1966-1976-njy ýyllarda Görogly etrabynyň 5-nji orta mekdebinde okady.

1976-1977-nji ýyllarda Görogly etrabynyň «Abadanlyk» daýhan birleşiginde daýhan bolup işledi.

1977-1982-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony ýurist hünäri boýunça tamamlady.

1982-1989-njy ýyllarda Görogly etrabynyň «Abadanlyk» daýhan birleşiginiň hukuk maslahatçysy bolup işledi.

1989-1992-nji ýyllarda Türkmenistanyň kommunistik partiýasynyň Görogly etrap komitetiniň guramaçylyk bölüminiň instruktory, ideologiýa bölüminiň müdiri, partiýa guramaçysy wezipelerinde işledi.

1992-1997-nji ýyllarda Görogly etrap «Obaserwis» birleşiginiň kiçi kärhanasynda we «Arzuw» firmasynda direktoryň orunbasary; 1998-2004-nji ýyllarda Görogly etrabynyň «Abadanlyk» daýhan birleşiginde kärendeçi; 2004-2006-njy ýyllarda Görogly etrap hassahanasynyň işgärler bölüminiň uly hünärmeni bolup işledi.

2006-2014-nji ýyllarda Görogly etrap häkimliginiň Işgärler we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek boýunça bölüminiň baş hünärmeni wezipesinde işledi.

2014-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň agzasy boldy.

2017-nji ýylyň mart aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy. Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 53-NJI «GUBADAG» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## TYLLAGÖZEL ÝELYBAÝEWNA AMANOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Tyllagözel Ýelybaýewna Amanowa 1979-njy ýylyň 5-nji sentýabrynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1994-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň 24-nji orta mekdebinde okady.

1994-1997-nji ýyllarda Daşoguz şäherindäki Lukmançylyk mekdebinde okap, ony maşgala şepagat uýasy hünäri boýunça tamamlady.

1997-1999-njy ýyllarda Daşoguz şäheriniň 1-nji saglyk öýünde maşgala şepagat uýasy bolup işledi.

1999-2005-nji ýyllarda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda okap, ony maşgala lukmany hünäri boýunça tamamlady.

2005-2006-njy ýyllarda Daşoguz welaýat köpugurly hassahanasynda intern-lukmany bolup işledi.

2006-2013-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 1-nji saglyk öýünde maşgala lukmany we kardiorewmatolog lukmany bolup işledi.

2013-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Daşoguz welaýat häkimliginiň «Bagt köşgi» toý-dabaralary merkeziniň direktory wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 53-NJI «GUBADAG» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ALLANAZAR GARAJANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Allanazar Garajanow 1966-njy ýylyň 1-nji iýulynda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Amyderýa geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1973-1983-nji ýyllarda Gubadag etrabynyň Amyderýa geňeşligindäki 11-nji orta mekdebinde, soňra Daşoguz şäheriniň 13-nji orta mekdebinde okady. 1983-1988-nji ýyllarda Daşoguzyň M.Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebinde okap, ony medeni aň-bilim işgäri, çeper höwesjeňleriň tans toparynyň ýolbaşçysy hünäri boýunça tamamlady.

1984-1986-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

1989-1993-nji ýyllarda Halk döredijiliginiň we medeni aň-bilim işleriniň Daşoguz welaýat ylmy usulyýet merkeziniň awtoklub müdiri, şol merkeziň halk döredijiligi bölüminiň saz boýunça usulçysy, şol bölümiň tans goýujysy bolup işledi.

1993-1994-nji ýyllarda Daşoguz welaýat bagşylar muzeýiniň baş saklawjysy wezipesinde işledi. 1989-1994-nji ýyllarda Türkmen döwlet medeniýet institutynda gaýybana okap, ony medeni aň-bilim işgäri, guramaçy usulyýetçi hünäri boýunça tamamlady.

1994-1996-njy ýyllarda Daşoguz welaýat medeniýeti dolandyryş edarasynyň kadrlar we okuw jaýlary boýunça hünärmeni bolup işledi.

1996-1997-nji ýyllarda Halk döredijiliginiň medeni aň-bilim işleriniň Daşoguz welaýat ylmy usulyýet merkeziniň tans goýujysy, şol merkeziň halk döredijiligi bölüminiň müdiri wezipesinde işledi. 1997-2001-nji ýyllarda Daşoguz welaýat Bagşylar muzeýiniň direktory; 2001-2008-nji ýyllarda Daşoguz welaýat medeniýet müdirliginiň bölüm müdiri wezipelerinde işledi.

2008-nji ýylyň aprel aýyndan bäri Daşoguz welaýatynyň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň direktory wezipesinde işleýär. 2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» atly medaly bilen sylaglandy. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 53-NJI «GUBADAG» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MERDAN SAPARBAÝEWIÇ ÝOWBASAROW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Merdan Saparbaýewiç Ýowbasarow 1979-njy ýylyň 27-nji fewralynda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Bereketli geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen. 1986-1996-njy ýyllarda Gubadag etrabynyň 9-njy orta mekdebinde okady.

1996-2000-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony inžener-ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2000-2001-nji ýyllarda Gubadag etrabyndaky Zarpçy etrapara «Himmindökün» bazasynda alyp baryjy hünärmen bolup işledi.

2001-2003-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap şahamçasynda bank gullugynyň uly hasapçysy, bank gullugynyň ykdysatçysy, Karz beriş bölüminiň ykdysatçysy wezipelerinde işledi.

2003-2004-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2004-2006-njy ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap şahamçasynyň Karz beriş bölüminiň ykdysatçysy, uly ykdysatçysy;

2006-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap şahamçasynda dolandyryjynyň orunbasary - Karz beriş bölüminiň başlygy wezipesinde işledi.

2009-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap şahamçasynyň dolandyryjysy; 2014-2015-nji ýyllarda Görogly etrap şahamçasynyň dolandyryjysy; 2015-2016-njy ýyllarda Boldumsaz etrap şahamçasynyň dolandyryjysy wezipelerinde işledi.

2016-njy ýylyň aprel aýyndan bäri Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap şahamçasynyň dolandyryjysy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 54-NJI «BAÝDAK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AHMET REJEPOWIÇ GELDIMEDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Ahmet Rejepowiç Geldimedow 1981-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Baýdak geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1989-1995-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň 17-nji orta mekdebinde okady.

1995-1999-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki Aýratyn zehinli çagalaryň döwlet mekdep-internatynda okap, orta bilim aldy.

1999-2000-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň «Baýdak» daýhan birleşiginiň kärendeçisi bolup işledi.

2000-2002-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2002-2003-nji ýyllarda borçnamalaýyn harby gullukda boldy.

2004-2009-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony inžener-ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2009-2016-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Maliýe bölüminiň Býujeti jemleýji bölümçesiniň baş hünärmeni wezipesinde işledi.

2016-2017-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Maliýe bölüminiň Býujeti jemleýji bölümçesiniň başlygy wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Maliýe we ykdysadyýet bölüminiň başlygynyň orunbasary-Býujeti jemleýji bölümçesiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 54-NJI «BAÝDAK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## HALJAN ATAJANOWIÇ NURJANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Haljan Atajanowiç Nurjanow 1970-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Jeýhun geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1978-1988-nji ýyllarda Gubadag etrabynyň Jeýhun geňeşligindäki 12-nji orta mekdebinde okady.

1988-1990-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

1991-1995-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony inžener-tehnolog hünäri boýunça tamamlady.

1995-1999-njy ýyllarda Gubadag etrap Alyjylar jemgyýetinjiň hasapçysy bolup işledi.

2003-2005-nji ýyllarda Gubadag etrabynyň «Jeýhun» daýhan birleşiginiň baş hasapçysy bolup işledi.

2005-2006-njy ýyllarda Gubadag etrabynyň «Jeýhun» daýhan birleşiginiň Paýdarlar jemgyýetiniň baş hasapçysy, topar ýolbaşçysy bolup işledi.

2006-2007-nji ýyllarda Daşoguz welaýat Galla önümleri önümçilik birleşiginiň «Jeýhun» daýhan birleşigindäki agronomy bolup işledi.

2007-2009-njy ýyllarda Gubadag etrabynyň «Jeýhun» daýhan birleşiginiň başlygy bolup işledi.

2009-2013-nji ýyllarda Gubadag etrabynyň Jeýhun geňeşliginiň Geňeşiniň kätibi bolup işledi.

2013-nji ýylyň mart aýyndan bäri Gubadag etrap häkimliginiň Işgärler we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary bilen işlemek boýunça bölüminiň baş hünärmeni bolup işleýär.

2015-nji ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 55-NJI «GURBANSOLTAN EJE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ALTYBAÝ AMANGELDIÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Altybaý Amangeldiýew 1972-nji ýylyň 18-nji maýynda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Magtymguly Garlyýew adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1979-1989-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň 26-njy orta mekdebinde okady. 1989-1990-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň Magtymguly Garlyýew adyndaky daýhan birleşiginde kärendeçi boldy. 1990-1992-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1993-1997-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony agronom hünäri boýunça tamamlady. 1997-2000-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň Magtymguly Garlyýew adyndaky daýhan birleşiginiň ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy bolup işledi.

2000-2002-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň Magtymguly Garlyýew adyndaky daýhan birleşiginde kärendeçi boldy.

2002-2003-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň «Dowardarçylyk» daýhan birleşiginde telekeçi; 2003-2005-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň «Altyn asyr» daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

2005-2006-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrap paýdarlar jemgyýetiniň Altyn asyr bölüminiň hünärmen-agronomy; 2006-2007-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň Magtymguly Garlyýew adyndaky daýhan birleşiginde ammar müdiri; 2007-2008-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň «Altyn asyr» daýhan birleşiginde kärendeçi; 2008-2010-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrap Oba hojalyk paýdarlar jemgyýetinde hünärmen; 2010-2011-nji ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrap kärdeşler arkalaşyklarynyň esasy hünärmeni bolup işledi.

2011-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrap birleşmesiniň başlygy bolup işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty. Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 55-NJI «GURBANSOLTAN EJE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## KERIMBERDI GELDIÝEWIÇ BERDIGYLYJOW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Kerimberdi Geldiýewiç Berdigylyjow 1967-nji ýylyň 7-nji martynda Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň Täzeoba geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1973-1983-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 7-nji orta mekdebinde okady. 1983-nji ýylyň iýul-awgust aýlarynda Akdepe etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşiginiň kärendeçisi boldy.

1983-1984-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 4-nji hünärment mekdebinde okady. 1984-1991-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, inžener-gidrotehnik hünäri boýunça tamamlady. 1985-1987-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1991-1996-njy ýyllarda Akdepe etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşiginde inžener-gidrotehnik;

1996-2000-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 7-nji orta mekdebinde mugallym;

2000-nji ýylyň mart-awgust aýlarynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabyndaky 2103-nji serhet birikmesinde serkerde;

2000-2001-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň «Döwletli» daýhan birleşiginde ykdysatçy-gaznaçy;

2001-2009-njy ýyllarda Akdepe etrabynyň «Döwletli» daýhan birleşiginde baş agronom bolup işledi.

2009-2013-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň «27-Oktýabr» daýhan birleşiginiň başlygy, soňra «Babadaýhan» daýhan birleşiginiň başlygy, «Türkmenistan» daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

2013-2016-njy ýyllarda Akdepe etrabynyň «Täze ýol» daýhan birleşiginiň başlygy; 2016-2017-nji ýyllarda Akdepe etrap «Babadaýhan» daýhan birleşiginiň kärendeçisi bolup işledi.

2017-nji ýylyň iýun aýyndan bäri Daşoguz welaýat Ýer serişdeleri müdirliginiň Akdepe etrap bölüminiň ýolbaşçysy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 55-NJI «GURBANSOLTAN EJE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## OGULJAN ÖWEZOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Oguljan Öwezowa 1972-nji ýylyň 6-njy maýynda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Ak altyn geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1979-1989-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň 14-nji orta mekdebinde okady.

1989-1994-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony hukukçy hünäri boýunça tamamlady.

1994-1995-nji ýyllarda Daşoguz welaýat ýustisiýa bölüminiň maslahatçysy;

1995-1999-njy ýyllarda Daşoguz welaýat alyjylar jemgyýetiniň ýuristi;

1999-njy ýylyň mart-sentýabr aýlarynda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap prokurorynyň kömekçisi;

2001-2002-nji ýyllarda Daşoguz welaýat köpugurly hassahanasynyň ýuristi;

2002-2004-nji ýyllarda Daşoguz welaýat häkimliginiň arzalar we şikaýatlar bölüminiň müdiri;

2006-2016-njy ýyllarda Daşoguz welaýat köpugurly hassahanasynyň ýuristi wezipelerinde işledi.

2016-njy ýylyň aprel aýyndan bäri Daşoguz welaýat Saglygy goraýyş müdirliginiň işgärler bölüminiň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 56-NJY «TÄZE ZAMAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## OGULJEMAL HALBAÝEWNA MOLLAÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Oguljemal Halbaýewna Mollaýewa 1969-njy ýylyň 10-njy iýulynda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Öküzýap geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1976-1986-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 29-njy orta mekdebinde okady.

1986-1990-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tapawutlanan diplom bilen tamamlady.

1990-1991-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Söwdanyň we jemgyýetçilik iýmitiniň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy» kafedrasynyň uly laboranty;

1991-1995-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Dolandyryş we halkara ykdysady gatnaşyklar» kafedrasynyň mugallymy bolup işledi.

1995-nji ýylda ykdysady ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesini aldy.

1995-1996-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Söwdanyň we jemgyýetçilik iýmitiniň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy» kafedrasynyň mugallymy, 1996-2002-nji ýyllarda şol kafedranyň uly mugallymy bolup işledi.

2002-nji ýylyň iýun aýyndan bäri Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Marketing» kafedrasynyň uly mugallymy bolup işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 56-NJY «TÄZE ZAMAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ARSLAN ATAÝEWIÇ TAGANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Arslan Ataýewiç Taganow 1980-nji ýylyň 20-nji maýynda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Täzezaman geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1996-njy ýyllarda Akdepe etrabynyň 15-nji orta mekdebinde okady.

1996-2000-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony inžener-energetik hünäri boýunça tamamlady.

2000-2001-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň pagta arassalaýjy zawodynyň elektrigi bolup işledi.

2001-2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň ylym we bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşyklarynyň Akdepe etrap Geňeşiniň başlygy bolup işledi.

2013-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň başlygynyň orunbasary, Kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň durmuş-zähmet hukuklaryny goramak boýunça bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 57-NJI «AGZYBIRLIK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ŞATLYK MERETDURDYÝEWIÇ

* * * * *

## TERJIMEHALY

Şatlyk Meretdurdyýewiç Gurbandurdyýew 1981-nji ýylyň 16-njy martynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen

1987-1996-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň 11-nji orta mekdebinde okady.

1997-1999-njy ýyllarda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň «Ak altyn» daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

1999-2003-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony gidrotehnik hünäri boýunça tamamlady.

2003-2004-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2004-2007-nji ýyllarda «Gurbansoltanejesuwhojalyk» önümçilik dolanyşygynda gözegçi;

2007-2011-nji ýyllarda «Gurbansoltanejesuwhojalyk» önümçilik dolanyşygynda baş hünärmen;

2011-2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrap komitetiniň sekretary bolup işledi.

2013-nji ýylyň mart aýyndan bäri Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrap komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 57-NJI «AGZYBIRLIK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## DÄDEBAÝ GURBANDURDYÝEWIÇ NAZKULYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Dädebaý Gurbandurdyýewiç Nazkulyýew 1967-nji ýylyň 25-nji iýulynda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1974-1980-nji ýyllarda Köneürgenç şäheriniň 3-nji orta mekdebinde, 1980-1984-nji ýyllarda 1-nji orta mekdebinde okady.

1984-1986-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okady.

1986-1988-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1988-1991-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okuwyny dowam etdirdi we inžener-gidrotehnik hünäri boýunça tamamlady.

1991-1993-nji ýyllarda Köneürgenç şäherindäki Bejeriş-gurluşyk edarasynda inžener-ykdysadyýetçi bolup işledi. 1993-1995-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynda möhletleýin harby gullukda, 1995-1997-nji ýyllarda Türkmenistanyň Goranmak ministriginiň Köneürgenç şäherindäki Awtomobil mekdebinde başlygyň orunbasary bolup işledi. 1997-1998-nji ýyllarda Köpetdag döwlet goraghanasynda başlygyň orunbasary, 1998-2000-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki «Rossiýskiý kredit» bankynda baş hünärmen bolup işledi. 1998-1999-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 1-nji işçileri taýýarlaýan merkeziniň agşamky bölüminde okap, buhgalter we bank operatory kärine eýe boldy. 2000-2002-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Bekrewe ýaşaýyş toplumyndaky Türkmenistanyň Tokaý tejribeçilik bekedinde söwda bölüminiň başlygy bolup işledi. 2002-2005-nji ýyllarda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Syýasy Geňeşiniň «Abadanlyk» kärhanasynda hünärmen bolup işledi. 2005-2011-nji ýyllarda Aşgabat şäher häkimliginiň arassalaýyş, abadanlaşdyryş işleri boýunça Köpetdag etrap jemagat önümçilik müdirliginde komendant bolup işledi. 2011-2013-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki «Kompýuter Iner Tekeri» hususy kärhanasynda direktoryň orunbasary, direktor wezipesinde işledi, 2013-nji ýylyň sentýabr-dekabr aýlary aralygynda «Inek Energy» hususy kärhanasynda tehniki hünärmen bolup işledi. 2014-2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň iş dolandyryjysy bolup işledi.

2015-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglandy. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlendi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 58-NJI «KÖNEÜRGENÇ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AŞYRDURDY ARANOWIÇ ALLAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Aşyrdurdy Aranowiç Allaýew 1953-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň Agöýli geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1961-1970-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň 15-nji orta mekdebinde okady.

1970-1971-nji ýyllarda Köneürgenç etrabynyň «Derýalyk» daýhan birleşiginiň kärendeçisi bolup işledi.

1972-1976-njy ýyllarda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony orta mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1976-1980-nji ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 19-njy orta mekdebiniň mugallymy;

1980-1990-njy ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 19-njy orta mekdebiniň müdiri;

1990-1998-nji ýyllarda Köneürgenç etrap bilim bölüminiň müdiri;

1998-2005-nji ýyllarda «Türkmenpagta» döwlet konserniniň Daşoguz welaýatyndaky hünärment okuw jaýlarynyň utgaşdyryjysy bolup işledi.

2005-nji ýylyň dekabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň başlygy wezipesinde işleýär.

1996-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly, 2013-nji ýylda «Gaýrat» medaly, 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 58-NJI «KÖNEÜRGENÇ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GYLYÇMYRAT TAŇŇYLOWIÇ ATAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gylyçmyrat Taňňylowiç Ataýew 1975-nji ýylyň 16-njy ýanwarynda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Pagtaçy geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1982-1992-nji ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 45-nji orta mekdebinde okady.

1992-1996-njy ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1996-2010-njy ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 52-nji orta mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.

2010-2015-nji ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 52-nji orta mekdebinde müdiriň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary;

2015-nji ýyldan bäri Köneürgenç etrabynyň Pagtaçy geňeşliginiň Geňeşiniň arçyny wezipesinde işleýär.

2016-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň «Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak» boýunça okuwynda okady.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 59-NJY «DERÝALYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



**SAPARMYRAT AMANMYRADOWIÇ SOBETOW**

* * * * *

### TERJIMEHALY

Saparmyrat Amanmyradowiç Sobetow 1980-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1987-1993-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäherindäki 1-nji orta mekdepde, 1993-1997-nji ýyllarda, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç türkmen-türk mekdep internatynda okady.

1997-2001-nji ýyllarda Halkara Türkmen-türk uniwersitetinde okap, iňlis dili we edebiýaty mugallymy hünärini aldy.

2001-2002-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç Türkmen-türk mekdep-internatynyň iňlis dili mugallymy bolup işledi.

2002-2003-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2003-2008-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç Türkmen-türk mekdep-internatynyň terbiýeçisi, iňlis dili mugallymy;

2008-2011-nji ýyllarda «Başkent» kompýuter dil merkeziniň Daşoguz şäherindäki şahamçasynyň iňlis dili mugallymy bolup işledi.

2011-2012-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 8-nji orta mekdebiň iňlis dili mugallymy;

2012-2014-nji ýyllarda şol mekdebiň müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasary, müdiriň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bolup işledi.

2014-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 8-nji orta mekdebiň müdiri bolup işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlendi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 59-NJY «DERÝALYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AÝGÜL KURBANDURDYÝEWNA ANNAKURBANOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Aýgül Kurbandurdyýewna Annakurbanowa 1980-nji ýylyň 4-nji iýulynda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1987-1996-njy ýyllarda Köneürgenç şäheriniň 1-nji orta mekdebinde okap, orta bilim aldy.

1998-2000-nji ýyllarda Daşoguz şäherindäki B.Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebinde okap, başlangyç synp mugallymy, 4-nji 5-nji synplarda rus dili mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2000-2005-nji ýyllarda Köneürgenç şäheriniň 2-nji orta mekdebinde başlangyç synp mugallymy bolup işledi.

2005-2010-njy ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony dilçi, terjimeçi, iňlis dili mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2010-2012-nji ýyllarda Köneürgenç şäheriniň 4-nji orta mekdebinde iňlis dili mugallymy;

2012-2014-nji ýyllarda Daşoguz şäherindäki Türkmen oba hojalyk institutynda iňlis dili mugallymy;

2015-2017-njy ýyllarda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň «Rysgal» gazetiniň terjimeçisi;

2017-nji ýylyň aprel-awgust aýlarynda Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent etrabynyň Bilim bölüminiň hünärmeni wezipelerinde işledi.

2017-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň 41-nji orta mekdebinde iňlis dili mugallymy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 59-NJY «DERÝALYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AMANMYRAT GELDIÝEWIÇ GURBANGYLYJOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Amanmyrat Geldiýewiç Gurbangylyjow 1967-nji ýylyň 23-nji aprelinde Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1974-1982-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 35-nji, 24-nji orta mekdeplerinde okady.

1987-1989-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1986-1993-nji ýyllarda Türkmen milli konserwatoriýasyny tamamlady.

1991-1993-nji ýyllarda şol bir wagtda, Türkmen döwlet Magtymguly adyndaky opera we balet teatrynyň artisti, öňki Aşgabat etrabynyň çagalar sazçylyk mekdebiniň mugallymy wezipelerinde işledi.

1993-2001-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Magtymguly Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebinde mugallym bolup işledi.

2001-2002-nji ýyllarda Daşoguz welaýat çagalar sungat mekdebiniň direktorynyň okuw işleri boýunça orunbasary bolup işledi.

2002-2005-nji ýyllarda Daşoguz welaýat çagalar sungat mekdebiniň direktory bolup işledi.

2005-nji ýyldan bäri Daşoguz welaýatynyň Magtymguly Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebiniň direktory wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 60-NJY «GÜRGENÇ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAÝMYRAT ATANAÝEWIÇ BABAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Baýmyrat Atanaýewiç Babaýew 1963-nji ýylyň 28-nji awgustynda Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň A.Nagyýew obasynda doguldy. Milleti türkmen. 1970-1980-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň 24-nji orta mekdebinde okady.

1980-1985-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony filolog, türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1985-1986-njy ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 24-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.

1986-1990-njy ýyllarda komsomolyň Köneürgenç etrap komitetiniň instruktory, bölüm müdiriniň orunbasary, bölüm müdiri wezipelerinde işledi. 1990-1991-nji ýyllarda Köneürgenç etrap ýerine ýetiriji komitetiniň umumy bölüminiň müdiri, 1991-1995-nji ýyllar aralygynda Köneürgenç etrap bilim bölüminiň müdiriniň orunbasary bolup işledi.

1995-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim we medeniýet baradaky komitetiniň agzasy boldy. 2007-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim we medeniýet baradaky komitetiniň başlygy wezipesinde işledi. 2009-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim we medeniýet baradaky komitetiniň agzasy boldy. 2014-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň agzasy. Türkmenistanyň Mejlisiniň I, II, III, IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

1996-njy ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly, 2001-nji ýylda «Gaýrat» medaly, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň «Türkmenistanyň ussat mugallymy» nyşany bilen sylaglanyldy. Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 60-NJY «GÜRGENÇ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BATYR ORAZMÄMEDOWIÇ GURBANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Batyr Orazmämedowiç Gurbanow 1984-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Mollaoraz Hojamämmedow adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1991-2000-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň 11-nji orta mekdebinde okady.

2002-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Mollaoraz Hojamämmedow adyndaky daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

2002-2004-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2005-2009-njy ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Mollaoraz Hojamämmedow adyndaky daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

2009-2014-nji ýyllarda Türkmen Döwlet energetika institutynda okap, ony inžener-elektrik hünäri boýunça tamamlady.

2014-2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň «Daşoguzenergo» önümçilik birleşiginiň Saparmyrat Türkmenbaşy etrap elektrik ulgamynyň I derejeli elektromontýory;

2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň «Daşoguzenergo» önümçilik birleşiginiň Saparmyrat Türkmenbaşy etrap elektrik ulgamynda baş inženeriň wagtlaýyn wezipesini ýerine ýetiriji;

2016-njy ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň «Daşoguzenergo» önümçilik birleşiginiň Saparmyrat Türkmenbaşy etrap elektrik ulgamynyň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bolup işleýär.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 61-NJI «BOSSAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ENEJAN SAPARMUHAMEDOWNA AMANÝAZOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Enejan Saparmuhamedowna Amanýazowa 1983-nji ýylyň 13-nji fewralynda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Agzybirlik geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1989-1998-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň 55-nji orta mekdebinde okady.

1998-2002-nji ýyllarda S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony iňlis dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tapawutlanan diplom bilen tamamlady.

2002-2016-njy ýyllarda Daşoguz şäheriniň 12-nji orta mekdebiniň iňlis dili mugallymy bolup işledi.

2016-njy ýylyň sentýabr aýyndan bäri S.A.Nyýazow adyndaky etrabyň 9-njy çagalar bagynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bolup işleýär.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 61-NJI «BOSSAN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## JENNET KURBANOWNA SAPAROWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Jennet Kurbanowna Saparowa 1982-nji ýylyň 11-nji awgustynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1989-1998-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 2-nji orta mekdebinde okady.

1998-1999-njy ýyllarda Daşoguz şäherindäki kerpiç zawodynyň laboranty, 1999-njy ýylda “Sapar” hususy kärhanasynyň kadrlar bölüminiň hünärmeni bolup işledi.

2000-nji ýylyň ýanwar-awgust aýlarynda Daşoguz şäheriniň Ykdysadyýet we maliýe bölüminiň iş dolandyrjysy bolup işledi.

2000-2004-nji ýyllar aralygynda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okady we ony maldar, mal lukmany hünäri boýunça tamamlady.

2004-2008-nji ýyllar aralygynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň «Dowardarçylyk» daýhan birleşiginiň zootehnigi bolup işledi.

2008-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrap geňeşiniň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 62-NJI «S.ROZMETOW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GÜLJEMAL BEKDURDYÝEWNA ANNAÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Güljemal Bekdurdyýewna Annaýewa 1975-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Gubadag şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1982-1992-nji ýyllarda Gubadag etrabynyň 2-nji, 38-nji orta mekdeplerinde okady.

1992-1996-njy ýyllarda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony matematika-infomatika, hasaplaýyş tehnikasynyň mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1996-njy ýylyň awgust-noýabr aýlarynda Gubadag etrabynyň 1-nji orta mekdebinde matematika mugallymy; 1996-1997-nji ýyllarda Gubadag etrabynyň 2-nji orta mekdebinde matematika mugallymy; 1999-2010-njy ýyllarda Daşoguz şäheriniň 19-njy orta mekdebinde matematika mugallymy bolup işledi.

2010-njy ýylyň iýul-oktýabr aýlarynda Daşoguz şäheriniň durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň döwlet kömek pullary bölümçesiniň wagtlaýyn hünärmeni; 2010-2011-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň pensiýa bölümçesiniň baş hünärmeni; 2011-2012-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak bölüminiň Pensiýa üpjünçiligi bölümçesiniň baş hünärmeni; 2012-2013-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Pensiýa gaznasynyň bölüminiň Pensiýa üpjünçiligi bölümçesiniň baş hünärmeni, Pensiýa ätiýaçlandyrmasy bölümçesiniň başlygy bolup işledi.

2013-2015-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Pensiýa gaznasynyň bölüminiň başlygynyň orunbasary wezipesini ýerine ýetiriji, orunbasary; 2015-2016-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirliginiň başlygynyň orunbasarynyň wezipesini ýerine ýetiriji bolup işledi.

2016-njy ýyldan bäri Daşoguz welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirliginiň başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 62-NJI «S.ROZMETOW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ISLAMBEK AZATOWIÇ

* * * * *

## TERJIMEHALY

Islambek Azatowiç Mugaýew 1980-nji ýylyň 11-nji maýynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Nyýazow şäherçesinde eneden doguldy. Milleti özbek.

1987-1997-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1997-2001-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony ykdysatçy-guramaçy hünäri boýunça tamamlady.

2001-nji ýylyň awgust-noýabr aýlarynda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň remont-gurluşyk kärhanasynda material buhgalteri bolup işledi.

2001-2003-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

2003-2004-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Ykdysadyýet we maliýe bölüminde esasy hünärmen;

2005-nji ýylyň aprel-noýabr aýlarynda S.A. Nyýazow adyndaky etrabynyň 4-nji enjamlaşdyrlan göçme kärhanasynda buhgalteriň kömekçisi;

2005-2010-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň hasabatlar we maglumatlar bölüminde II derejeli hünärmen;

2010-2011-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň statistika bölüminde I derejeli hünärmen bolup işledi.

2011-2012-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň statistika bölüminiň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji wezipesinde işledi.

2012-nji ýylyň fewral aýyndan bäri S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň statistika bölüminiň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 62-NJI «S.ROZMETOW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## TAMARA NURADDINOWNA TAŽIÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Tažiýewa Tamara Nuraddinowna 1976-njy ýylyň 16-njy noýabrynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň S.Rozmetow adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti gazak.

1984-1993-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabyň 30-njy orta mekdebinde okady.

1993-1996-njy ýyllarda Daşoguz lukmançylyk mekdebinde okap, ony şepagat uýasy hünäri boýunça tamamlady.

1996-2000-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrap hassahanasynyň 45-nji oba saglyk merkezinde maşgala şepagat uýasy bolup işledi.

2000-2006-njy ýyllarda Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony lukman hünäri boýunça tamamlady.

2002-2004-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen çagalar hassahanasynyň reanimasiýa bölüminde şepagat uýasy bolup işledi.

2006-2007-nji ýyllarda Daşoguz welaýat köpugurly hassahanasynyň interna lukmany bolup işledi.

2007-nji ýylyň aprel aýyndan bäri S.A.Nyýazow adyndaky etrap hassahanasynyň 3-nji oba saglyk merkeziniň maşlaga lukmany bolup işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 63-NJI «NOWBAHAR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MYRATGLYÇ NURYÝEWIÇ ANNAGLYÇEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Myratglyç Nuryýewiç Annaglyçew 1979-njy ýylyň 6-njy maýynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1995-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň 17-nji orta mekdebinde okady.

1995-1996-njy ýyllarda Daşoguz welaýat 4-nji ýöriteleşdirilen awtoulag kärhanasynda I derejeli ussa; 1996-1997-njy ýyllarda Daşoguz welaýat Awtokran zawodynda II derejeli ussa; 1997-nji ýylyň fewral-awgust aýlarynda Daşoguz welaýat 4-nji ýöriteleşdirilen awtoulag kärhanasynyň operatory bolup işledi.

1997-2001-nji ýyllarda Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynda okap, ony inžener-mehanik hünäri boýunça tamamlady.

2001-nji ýylyň awgust aýyndan başlap, «Daşoguzawtoulaglar» önümçilik birleşiginde I derejeli bejeriji ussa bolup işledi.

2001-2003-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2003-2004-nji ýyllarda «Daşoguzawtoulaglar» önümçilik birleşiginde I derejeli bejeriji ussa; 2004-nji ýylyň ýanwar-aprel aýlarynda «Gubadagetrapgaz» gaz hojalyk edarasynda zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk inženeri bolup işledi. 2004-2006-njy ýyllarda «Daşoguzgazüpjünçilik» müdirliginiň Awtoulaglar we energetika bölüminde hünärmen; 2006-2011-nji ýyllarda «Daşoguzgazüpjünçilik» müdirliginiň Ulag bölüminde baş inžener; 2011-2013-nji ýyllarda şol müdirligiň Mehanik-energetika bölüminiň esasy inženeri; 2013-2014-nji ýyllarda «Daşoguzgazüpjünçilik» müdirliginiň «S.A.Nyýazowetrapgaz» Gaz hojalyk edarasynyň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji; 2014-2017-nji ýyllarda «Daşoguzgazüpjünçilik» müdirliginiň gaz ölçeýji enjamlary oturdýan, hasabyny we hasabatyny ýöredýän, gözegçilik hem hyzmat edýän gullugynyň başlygy; 2017-nji ýylyň fewral-noýabr aýlarynda «Daşoguzgazüpjünçilik» müdirliginiň Önümçilik tehniki bölüminiň esasy inženeri wezipelerinde işledi.

2017-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri «Daşoguzgazüpjünçilik» müdirliginiň gaz ölçeýji enjamlary oturdýan, hasabyny we hasabatyny ýöredýän, gözegçilik hem hyzmat edýän gullugynyň başlygy wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty. Maşgalaly, üç çagasy bar

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlendi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 63-NJI «NOWBAHAR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURGELDI NURMÄMMEDOWIÇ MEREDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Meredow Nurgeldi Nurmämmedowiç 1980-nji ýylyň 25-nji iýunynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Diýar geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1996-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň 20-nji orta mekdebinde okady. 1996-2000-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okady we ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2000-2001-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2001-2002-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň hasabat we maglumatlar dolandyryş edarasynyň oba hojalygynyň statistikasy we analizi bölüminiň 2-nji derejeli hünärmeni; 2002-2005-nji ýyllarda Daşoguz welaýat önümçilik-gurluşyk birleşiginiň Daşoguz söwda önümçilik we satyn alyş kärhanasynyň 2-nji derejeli ykdysadyýetçisi bolup işledi. 2005-2006-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň Hasap we hasabat bölüminiň 1-nji derejeli hünärmeni; 2006-2007-nji ýyllarda Daşoguz şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň Ýuridiki taraplary barlag bölüminiň 1-nji derejeli hünärmeni; 2007-2009-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň Şahsy taraplary barlag bölüminiň 1-nji derejeli hünärmeni, Hasap we hasabat bölüminiň 1-nji derejeli hünärmeni, Ýuridiki taraplary barlag bölüminiň 1-nji derejeli hünärmeni, döwlet salgyt inspektory bolup işledi. 2009-2010-njy ýyllarda Daşoguz şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň Şahsy taraplary barlag bölüminiň we Düşündiriş bölüminiň döwlet salgyt inspektory wezipelerinde işledi. 2010-2017-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etraby boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygy wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň iýul aýyndan bäri S.A.Nyýazow adyndaky etrap salgyt bölüminiň başlygy wezipesinde işleýär. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 64-NJI «S.A.NYÝAZOW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## JAHAN REJEPOWNA GURBANDURDYÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Jahan Rejepowna Gurbandurdyýewa 1984-nji ýylyň 17-nji awgustynda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1991-2000-nji ýyllarda Daşoguz şäheriniň 17-nji orta mekdebinde okady.

2001-2003-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynda kassir bolup işledi.

2003-2007-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2007-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Karzlaşdyryş bölüminiň hünärmeni;

2008-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Pulhana amallary toparynyň uly gaznaçysy;

2012-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Pul dolanşygy we kassa amallaryna gözegçilik bölüminiň ykdysatçysy, Ykdysady seljerme we maliýe dolandyryş bölüminiň baş ykdysatçysy;

2014-2018-nji ýyllarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Ykdysady seljerme we maliýe bölüminiň baş hünärmeni wezipelerinde işledi.

2018-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat dolandyrmasynyň Ykdysady seljerme we maliýe bölüminiň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 64-NJI «S.A.NYÝAZOW» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BAÝRAMMÄMET GARAŞOWIÇ MYRADOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Baýrammämet Garaşowiç Myradow 1980-nji ýylyň 16-njy awgustynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Nyýazow şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1993-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň 50-nji orta mekdebinde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki aýratyn zehinli çagalaryň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky döwlet mekdep-internadynda okady.

1997-2003-nji ýyllarda Türkmen Döwlet lukmançylyk institutynda okady we ony bejeriş işi lukmany hünäri boýunça tamamlady.

2003-2004-nji ýyllarda Daşoguz welaýat köpugurly hassahanasynda interna lukmany;

2004-2005-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrap hassahanasynyň 34-nji oba saglyk merkeziniň maşgala lukmany;

2005-2007-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrap hassahanasynyň kesel anyklaýyş we maslahat beriş bölüminiň maşgala lukmany bolup işledi.

2007-2009-njy ýyllarda Daşoguz şäheriniň 2-nji Saglyk öýüniň baş lukmanynyň bejeriş işleri boýunça orunbasary bolup işledi.

2009-njy ýylyň awgust aýyndan bäri Daşoguz welaýat saglygy goraýyş müdirliginiň başlygynyň ilkinji saglygy goraýyş işleri boýunça orunbasary wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 65-NJI «S.TÜRKMENBAŞY» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ORAZGYLYÇ TAGANGYLYJOWIÇ AMANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Orazgylyç Tagangylyjowiç Amanow 1974-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Aşyr Kakabaýew adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1982-1992-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Saparmät Hojaýew adyndaky 15-nji orta mekdebinde okady.

1992-1996-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysadyýetçi hünäri boýunça tamamlady.

1996-1997-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1998-2001-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň döwlet salgyt gullugynda hasaba alyş we hasabat bölüminiň I derejeli hünärmeni, salgyt ýygymy bölüminiň döwlet salgyt inspektory we uly döwlet salgyt inspektory;

2001-2008-nji ýyllarda Daşoguz şäher statistika bölüminiň başlygy;

2008-2014-nji ýyllarda «Türkmennebitönümleri» baş müdirliginiň Daşoguz nebit kärhanasynyň Gurbansoltan eje adyndaky şahamçasynyň başlygy; soňra Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň nebit kärhanasynyň başlygy;

2014-2016-njy ýyllarda «Türkmennebitönümleri» baş müdirliginiň Daşoguz nebit kärhanasynyň Gubadag etrabynyň nebit kärhanasynyň başlygy wezipelerinde işledi.

2016-njy ýylyň awgust-noýabr aýlarynda «Türkmengaz» Döwlet konserniniň «Türkmengazüpjünçilik» birleşiginiň «Daşoguzgazupjünçilik» müdirliginiň «Ruhubelentetrapgaz» gaz hojalyk edarasynyň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji bolup işledi.

2016-njy ýylyň noýabr aýyndan bäri «Daşoguzşähergaz» gaz hojalyk edarasynyň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlendi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 65-NJI «S.TÜRKMENBAŞY» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ÇARY DÄDEBAÝEWIÇ KAKABAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Çary Dädebaýewiç Kakabaýew 1991-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Bereketli geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1998-2008-nji ýyllarda Gubadag etrabynyň 19-njy orta mekdebinde okady.

2009-njy ýylyň ýanwar-awgust aýlarynda Gubadag etrabynyň «Bereket» daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

2009-2014-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony inžener-tehnolog hünäri boýunça tamamlady.

2014-2017-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň «Daşoguzgallaönümleri» kärhanasynyň kömekçi işgäri boldy.

2017-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrap Geňeşiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 66-NJY «AÝBÖWÜR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURYBAÝRAM REJEPOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Nurybaýram Rejepow 1964-nji ýylyň 2-nji aprelinde Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Ruhabat geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1970-1980-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň 48-nji orta mekdebinde okady.

1979-1982-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň «Gyzylgüýç» daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi. 1982-1984-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1985-1986-njy ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň «Gyzylgüýç» daýhan birleşiginde kärendeçi bolup işledi.

1985-1991-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetini okap, ony alym-agronom hünäri boýunça tamamlady.

1986-2001-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň «Gyzylgüýç» daýhan birleşiginde agronom-entimolog, topar ýolbaşçy, baş agronom bolup işledi. 2002-2005-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň «Nowruz» pagta arassalaýjy kärhanasynyň «Gyzylgüýç» daýhan birleşigindäki agronomy wezipesinde işledi. 2005-2007-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň 48-nji orta mekdebinde hünär okuwynyň mugallymy wezipesinde işledi. 2008-nji ýylyň fewral-iýul aralygynda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň «Nowruz» pagta arassalaýjy kärhanasynyň «Parahat» we «Gyzylgüýç» daýhan birleşiklerinde gözegçi-agronom wezipesinde işledi.

2008-2010-njy ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Ruhabat geňeşliginiň Geňeşiniň kätibi bolup işledi. 2010-2015-nji ýyllarda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Ruhabat geňeşliginiň Geňeşiniň arçyny wezipesinde işledi.

2015-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Saparmyrat Türkmenbaşy etrap häkimliginiň Işgärler we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek boýunça bölüminiň baş hünärmeni wezipesinde işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglandy. Maşgalaly, ýedi çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 66-NJY «AÝBÖWÜR» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AÝNA ATAÝEWNA TAGANOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Aýna Ataýewna Taganowa 1982-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Täzezaman geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1988-1998-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 15-nji orta mekdebinde okady.

1998-1999-njy ýyllarda Akdepe etrabynyň 15-nji orta mekdebiniň hojalyk işgäri boldy.

2001-2003-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebinde okap, ony başlangyç synp we 4-5-nji synplarda taryh mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2003-2006-njy ýyllarda Akdepe etrabynyň 15-nji orta mekdebiniň mugallymy bolup işledi.

2006-2008-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, soňra 2008-2011-nji ýyllarda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda okap, ony halkara hukukçy hünäri boýunça tamamlady.

2012-2013-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent etrabynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň Zähmet bölümçesiniň baş hünärmeni, S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň Ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümçesiniň baş hünärmeni bolup işledi.

2013-2016-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň Zähmet bölümçesiniň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji bolup işledi.

2016-njy ýyldan bäri Daşoguz welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirliginiň Zähmet bölüminiň baş hünärmeni wezipesinde işleýär.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 67-NJI «SARYGAMYŞ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GÜLBAHAR JUMAÝEWNA KAKALYÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gülbahar Jumaýewna Kakalyýewa 1968-nji ýylyň 4-nji awgustynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1975-1985-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 46-njy orta mekdebinde okady.

1985-1989-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony haryt öwreniji hünäri boýunça tamamlady.

1989-1991-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Haryt öwreniş we mikrobiologiýa otagynyň müdiri bolup işledi.

1991-1993-nji ýyllarda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Himiýa institutynda aspiranturada okady.

1994-1999-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Haryt öwreniş we tehnologiýa kafedrasynyň mugallymy;

1999-2008-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Marketing kafedrasynyň uly mugallymy bolup işledi.

2008-nji ýylyň maý aýyndan bäri Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Marketing kafedrasynyň uly mugallymy bolup işleýär. Tehniki ylymlaryň kandidaty.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

2013-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 67-NJI «SARYGAMYŞ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ILMÄMET ŞIRIÝEWIÇ KITAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Ilmämet Şiriýewiç Kitaýew 1972-nji ýylyň 8-nji iýunynda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1979-1989-njy ýyllarda Köneürgenç şäheriniň 2-nji orta mekdebinde okady.

1989-1990-njy ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäheriniň önümçilik kombinatynda işçi boldy.

1990-1995-njy ýyllarda Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäheriniň Döwlet pedagogik institutynda okap, ony biologiýa, geografiýa mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1995-nji ýylyň sentýabr aýynda Köneürgenç etrabynyň 11-nji orta mekdebinde mugallym bolup işledi.

1995-1996-njy ýyllarda Köneürgenç etrap häkimliginiň Işgärler bölüminiň müdiri bolup işledi.

1996-1997-nji ýyllarda Köneürgenç etrap häkiminiň kömekçisi bolup işledi.

1997-2000-nji ýyllarda Köneürgenç etrap Bilim bölüminiň hünärmeni bolup işledi.

2000-2001-nji ýyllarda Köneürgenç etrabyndaky 41-nji orta mekdebiň müdiriniň wezipesini ýerine ýetiriji bolup işledi.

2001-2009-njy ýyllarda Köneürgenç etrap häkimliginiň Iş dolandyryş müdirliginiň bölüm başlygy bolup işledi.

2009-njy ýyldan bäri Köneürgenç şäher Bilim bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 68-NJI «RUHUBELENT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## DÖWLETGELDI HUDAÝBERDIÝEWIÇ GANDYMOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Döwletgeldi Hudaýberdiýewiç Gandymow 1980-nji ýylyň 1-nji iýulynda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Watan geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1996-njy ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 19-njy orta mekdebinde okady.

1996-2000-nji ýyllarda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okap, ony taryh mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2000-2010-njy ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 10-njy orta mekdebiniň taryh mugallymy;

2010-2016-njy ýyllarda Köneürgenç etrabynyň 10-njy orta mekdebiniň müdiri bolup işledi.

2016-njy ýylyň iýul aýyndan bäri Ruhubelent etrabynyň 10-njy orta mekdebiniň müdiri wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ 68-NJI «RUHUBELENT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## RASUL KAMILOWIÇ SADULLAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Rasul Kamilowiç Sadullaýew 1981-nji ýylyň 31-nji awgustynda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň S.Rozmetow adyndaky geňeşliginde doguldy. Milleti özbek.

1988-1998-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň 58-nji orta mekdebinde okady.

1998-2002-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2002-2005-nji ýyllarda Daşoguz welaýaty boýunça döwlet salgyt gullugynyň Ýuridiki taraplary barlag bölüminiň I derejeli hünärmeni, döwlet salgyt inspektory wezipelerinde işledi.

2005-2010-njy ýyllarda Daşoguz welaýaty boýunça döwlet salgyt gullugynyň Salgyt gulluklarynyň işine gözegçilik etmek bölüminiň döwlet salgyt inspektory, uly döwlet salgyt inspektory wezipelerinde işledi.

2010-2013-nji ýyllarda Daşoguz welaýaty boýunça döwlet salgyt gullugynyň Içerki gözegçiligi we salgyt monitoringi bölüminiň uly döwlet salgyt inspektory wezipesinde işledi.

2013-2017-nji ýyllarda Daşoguz welaýaty boýunça döwlet salgyt gullugynyň Içerki gözegçiligi bölüminiň uly döwlet salgyt inspektory wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň iýul aýyndan bäri Daşoguz welaýat salgyt bölüminiň Içerki gözegçiligi bölümçesiniň uly salgyt inspektory wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.